**Maýagözel BABAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak minisrliginiň Zähmet gory we iş üpjünçilik müdirliginiň baş hünärmeni, ykdysady ylymlaryň kandidaty.**

# GIŇ GERIMLI ÖZGERTMELER – RÖWŞEN GELJEGE BINÝAT

*13-nji fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde gazanylan netijelere baha berildi hem-de 2026-njy ýylda öňde duran möhüm wezipeler kesgitlenildi. 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, geçen ýyl jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,3 göterime deň bolandygy bellenildi. Hasabat döwründe gurluşykda 7,9 göterim, ulag we aragatnaşyk pudagynda 9,8 göterim, oba hojalygynda 7 göterim, söwdada 9,6 göterim ösüş gazanylmagy ýurdumyzda durnukly ösüşiň saklanylýandygyny, amala aşyrylýan diwersifikasiýa, senagatlaşmak syýasatynyň ýokary netije berýändigini aýdyň subut edýär.*

Mälim bolşy ýaly, ähli pudaklaryň sazlaşykly hereketi ykdysady ösüşi üpjün etmegiň baş şerti bolup durýar. Bu ösüş maksatnamalaýyn çemeleşmäniň esasynda amala aşyrylanda has-da netijeli bolýar. Degişli maksatnamada senagat pudagyny we hyzmatlar bazaryny düzümleýin özgertmegiň möhüm ugur hökmünde kesgitlenilmegi ykdysadyýetiň degişli düzümlerinde oňyn netijeleriň gazanylmagyna getirdi. Hususan-da, bu pudagyň öňdebaryjy tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylmagy goşulan gymmaty ýokary bolan, şeýle-de oňat hili bilen tapawutlanýan harytlaryň öndürilmegine ýardam berýär. Öndürilen önümiň ýokary hiliniň üpjün edilmegi bäsdeşlige ukyplylygyň esasy görkezijisi bolup durýar, şeýle-de daşarky bazarlarda tutýan ornunyň ygtybarlylygyny kepillendirýär. 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, geçen ýylda senagat pudagynda 1,8 göterim ösüşiň üpjün edilmegi ýurdumyzyň senagat kuwwatynyň barha artýandygyny görkezýär.

Bazar gatnaşyklarynyň giňden ornaşdyrylýan döwletlerinde hyzmatlar bazarynyň ösdürilmegi kanunalaýyk ýagdaý bolup, ol harytlaryň önümçiliginden hyzmatlaryň ykdysadyýetine geçmegi aňladýar. Bu ýagdaý jemi içerki önümde we ilatyň iş bilen üpjünçiliginde hyzmatlar ulgamynyň tutýan ornunyň artmagyna getirýär. Gündelik durmuşymyza sanly özgertmeleriň, adam maýasynyň, bilimleriň, maglumatlaryň giňden ornaşdyrylmagy, şeýle-de döwrebap tehnologik, lukmançylyk we bilim hyzmatlaryna bolan islegleriň ýokarlanmagy hyzmatlar bazarynyň ösdürilmegine güýçli itergi berýän şertlerdir. Hasabat döwründe, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, hyzmatlar ulgamynda 7,5 göterim ösüşiň gazanylmagy ilatyň dürli isleglerini kanagatlandyrmak ugrunda ýerine ýetirilen hyzmatlaryň jemi mukdaryndan we hilinden habar berýär.

Milli ykdysadyýetiň ösüşinde maýa goýumlaryň gönükdirilýän ugurlaryna aýratyn ähmiýet berilýär. Mejlisde maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen maýa goýumlaryň 6 göterim artandygy we onuň jemi içerki önümiň 16,6

göterimine deň bolandygy bellenildi. Bu statistiki maglumatlar ýurdumyzda alnyp barylýan maýa goýum syýasatynyň ýokary işjeňlik derejesini görkezýär. Özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň 49,1 göteriminiň önümçilik ähmiýetli desgalara, 50,9 göteriminiň bolsa durmuş we medeni maksatly binalara gönükdirilmegi döwlet strategiýasynda durmuş ulgamyny nazarlaýan ykdysady ösüş nusgasynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň netijesidir. Önümçilik kuwwatlyklarynyň ösdürilmegi abadan ýaşaýşymyzyň maddy binýadyny emele getirmek bilen, täze iş orunlarynyň döredilmegini hem öz içine alýar. Täze iş orunlarynyň sany näçe köp boldugyça, iş bilen meşgullanlaryň sany şonça-da artýar. Bu ýagdaý möhüm kanunalaýyklygy ýüze çykarýar: ykdysady ösüş we iş bilen meşgullyk berk baglanyşykly, biri-birini şertlendirýän hadysalardyr. Olaryň durnukly sazlaşygyny gazanmak ýurt berkararlygyny pugtalandyrmagyň zerur şertini emele getirýär. Häzirki döwürde ýurdumyzda hereket edýän milli hem-de pudaklaýyn maksatnamalardyr meýilnamalaryň ählisinde täze iş orunlaryny döretmäge aýratyn ähmiýet berilmegi guwandyryjy ýagdaýdyr.

Diýarymyzdaky ykdysady özgertmeler iş üpjünçiligiň pudaklaýyn düzüminde we ilatyň ykdysady işjeňliginde özgerişlikleriň bolup geçmegini şertlendirdi. Şeýle ýagdaý ykdysadyýetiň ösüş depginine we onda bolup geçýän üýtgeşmelere öz wagtynda seslenmäge ukyply bolan zähmet bazaryny ösdürmek meseleleriniň ähmiýetini artdyrýar. Bilşimiz ýaly, geçen ýylyň sentýabrynda “Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy” we bu Konsepsiýany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy tassyklanyldy. Bu resminamasy zähmet bazaryny ýurdumyzda we dünýä giňişliginde bolup geçýän durmuş-ykdysady özgertmelere uýgunlaşdyrmaga, ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygrynda döwlet syýasatyny oýlanyşykly amala aşyrmaga, zähmet bazaryny döwrebap usullar arkaly düzgünleşdirmäge ýardam berýär. Mejlisde 2025-nji ýylda iri we orta kärhanalarda jemi 7 müňe golaý täze iş orunlarynyň döredilendigi bellenildi. Munuň özi Durnukly ösüş maksatlaryna doly gabat gelmek bilen, ol milli ykdysadyýetimiziň maddy binýadynyň berkligini, ösüşe ukyplydygyny görkezýär.

Iş bilen üpjünçilik ykdysady ösüşimiziň häzirki zaman ýagdaýyny häsiýetlendirýän makroykdysady görkezijileriň biridir. Ol milli ykdysadyýetiň ösüş depginini üpjün edýän şert bolup durýar. Häzir zähmet bazary bilen bagly meseleler döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýar.

Zähmet adamlaryň barha artýan maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmagyň ygtybarly serişdesi bolup çykyş edýär. Umuman alnanda, iş bilen meşgullanmak raýatlaryň öz şahsy we jemgyýetçilik hajatlaryny kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän işidir, girdeji getirmek häsiýeti bolsa bu işiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Ýöne zä hmet çekmek diňe bir anyk işiň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly bolman, eýsem, ol adam tebigatyna mahsus bolan has çuň häsiýetler bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şu nukdaýnazardan seljerilende, bu hadysanyň jemgyýetçilik, ykdysady we durmuş ähmiýeti has aýdyň ýüze çykýar. Ýerine ýetirilýän işiň jemgyýete peýda getirmegi, ösüşe itergi bermegi hökmany şertleriň biri bolup, ol islendik zähmetiň özenini düzýär. Mundan başga-da, adamyň binýatlaýyn isleglериniň hatarynda

durmuşda öz ornuňy tapmak, köpçülik tarapyndan hormata eýe bolmak islegleri hem öz möhümligi bilen tapawutlanýar. Adam bu isleglerini, köplenç halatda, öz saýlap alan hünäri arkaly amala aşyrýar, ýagny onuň durmuşda eýeleýän orny, esasan, ýerine ýetirýän işine, hünärine, zähmet ýoluna bagly bolýar. Şunda şahsyýet üçin iş bilen meşgullanmagyň durmuş ähmiýetiniň ýokarydygy has aýdyň görünýär.

Hökümetiň giňişleýin mejlisinde «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» kabul edilmegi, onda sebit syýasatyny mundan beýläk-de giň gerimde ilerletmek, ykdysadyýetiň hususy bölegininiň işjeňligini artdyrmak, senagat kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny doly güýjünde peýdalanmak, täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak çärelerine uly orun berilmegi “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynda-da ykdysady we durmuş abadançylygymyzy berkitmäge gönükdirilen işleriň dowam etdiriljekdigine ynamy güýçlendirýär. Maksatnama laýyklykda, şu ýyl umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlaryny, 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralaryny, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralaryny ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Şeýle hem şu ýyl Aşgabat şäheriniň «Parahat — 7» ýaşaýyş toplumynda 30 sany ýaşaýyş jaýyny hem-de köp sanly söwda we hyzmatlar öýlerini, Büzmeýin etrabyndaky ýaşaýyş jaý toplumynda 46 sany häzirki zaman ýaşaýyş jaýyny, Aşgabatda 127 sany iki gatly kottej görnüşli ýaşaýyş jaýyny, 4 müň orunlyk köpugurly medeni merkeziň ulanmaga berilmegine garaşylýar. Aşgabatda Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleriniň we Stomatologiýa merkeziniň ulanylmaga berilmegi, «Arçman» şypahanasynda bolsa 400 orunlyk täze binalar toplumynyň işe girizilmegi lukmançylyk hyzmatlarynyň görnüşleriniň we ugurlarynyň sanynyň artjakdygyndan habar berýär.

Ýokarda durlup geçilen ugurlar boýunça gazanylan möhüm ähmiýetli ösüşler ýurdumyzyň bedew bady bilen mundan beýläk-de öňe gitmegine ajaýyp mümkinçilikleri döredýär.